# Katarda saýlaw-taýpa gatnaşygy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Katarda saýlaw-taýpa gatnaşygy KATARDA SAÝLAW-TAÝPA GATNAŞYGY




*Beni Ýafe taýpasynyň agzalary tradision gylyç tansyny oýnap durka, 2005 ý. Fotosurat: AP*

Kuweýt, Katar, BAE ýaly Pars aýlagy ýurtlarynda syýasy saýlawlar döwri we taýpa agzalygy gatnaşygy häzirkizaman ylmy-barlag işleriniň gyzyklanýan ugurlarynyň biridir.
Taýpa agzasy saýlawlarda ses berende «arassa» gatnaşykdaky taýpasynyň bähbidini nazarda tutup hereket edýärmi?
Şunuň bilen baglanyşyklylykda agalyk ediji maşgalalaryň taýpalar bilen guran baglanyşygy we olaryň goldawyna duýýan mätäçligi jedelleşilýär.
Beýleki Pars aýlagy ýurtlary ýaly Katar hem taýpalaryň saýlawlar bilen gatnaşygynyň öwrenilýän ýurtlarynyň biridir.
Alanud Alşarehiň we Kortni Fririň nygtaýşy ýaly Katarda taýpalar syýasy häkimiýetiň goldawçysy we al-Tani dinastiýasynyň kepillikçisidir.
Şunuň bilen baglanyşyklylykda Katardaky taýpalaryň saýlaw döwürlerinde oýnaýan rollary bilen baglanyşykly seljerme bermezden öň Kataryň saýlaw taryhy boýunça maglumat bermek peýdaly bolar:




- **Şura Mejlisi**

Katar taryhynda ilkinji Şura Mejlisiniň saýlawlary 2021-nji ýylyň sentýabr aýynda bolup geçdi.
45 orunlyk mejlisiň 15 wekilini Emir Şeýh Temim bin Hamed al-Tani belledi, galan 30 deputatyň ýeri üçin otuz saýlaw uçastogynda 234 kandidat ýaryşdy.




*Şura Mejlisiniň saýlawlary, 02.10.2021 ý. AA*

Saýlawa diňe atasy-da katarly bolan we özi Katarda doglan raýatlar gatnaşmaly edildi.
26 aýal talaşgäriň bäsleşen saýlawynda üstün çykanlaryň barsy erkekler boldy.
Katarlylaryň kanunçylyk proseslerine gatnaşygyny ýokarlandyrmagy maksat edinýän Şura Mejlisiniň iň esasy wezipesi döwlet býužetini tassyklamakdan we ýerine

ýetirilmegini ýola goýmakdan ybarat.
Aslynda Kataryň saýlaw tejribesi has irki ýyllara uzaýar.
1999-njy ýyldan bäri her dört ýyldan bir gezek geçirilýän saýlawlar bilen düzülen Merkezi Munisipalitet mejlisi 2021-nji ýyldaky Şura saýlawlaryna barýan ýoluň başyny başlady.

- **Merkezi Munisipalitet mejlisi**

Kataryň ilkinji Munisipalitet mejlisi 50-nji ýyllarda döredildi. 1999-njy ýylyň awgust aýynda aýal-erkek raýatlaryň gatnaşmagynda geçirilen ilkinji saýlawdan bäri her döry ýylda bir gezek 242 saýlaw uçastogyna wekilçilik edýän 29 sany mejlis agzasy saýlanýar.
Mejlisiň başlygy agzalar tarapyndan saýlanýar. Mejlisde başlygyň ofisi, mejlisiň ofisi we halk bilen gatnaşyklar boýunça jemi üç bölüm bar.
Mejlis agzalarynyň esasy wezipesi munisipalitet işleri boýunça Munisipalitet işleri ministrligine teklipler bermekdir.
Bu ýagdaý Mejlisiň syýasy ugrunyň gowşaklygyna we esasy munisipalitet hyzmatlaryndan daşgaryn syýasy agentliginiň bolmazlygyna ýol açýar.




- **Kataryñ sekiz munisipaliteti**

Katar sekiz munisipalitetden ybarat.
Olar: Doha, er-Reýýan, eş-Şeýhaniýe, Ümmü Selal, el-Hor, el-Wekra, ez-Zaaýin, eş-Şimal.
Jeýms Fromherz bu munisipalitetleriñ gadymky taýpalaryñ ýaşan ýerlerine görä bölünendigini aýdýar.
Şol sanda saýlawlarda adamlar öz taýpalarynyñ kandidatlaryna ses berenlerini gowy görýär.
Taýpalaryñ dominirleýän saýlaw döwri käbir kandidatlaryñ öz taýpalarynyñ garaýyşlary babatda kandidatlykdan el çekmegine ýa-da başga bir kandidaty goldamagyna getirýär.
Ali eş-Şawiniñ 1999-njy ýyldaky saýlawlar boýunça geçiren barlagy taýpalaryñ saýlawlara ýetirýän täsirlerini orta çykarýar.
Barlagyñ netijesi taýpa agzalarynyñ 64,45%-niñ öz taýpalaryndan çykan kandidatlara ses berse; 33,44%-niñ başga taýpanyñ kandidatyna ses berýändigini we bary-ýogy 2,11%-I

tire-taýpa bilen ilteşigi ýok kandidatlara ses berenini gowy görýär.
Taýpa agzalarynyň öz taýpalaryndan çykan kandidatyň daşyna jemlenýändigini aýtmak mümkinem bolsa, dürli sebäpler bilen başga kandidatlara ses berilýändigini-de görmek bolýar.

- **Taýpa-saýlaw gatnaşygy**

Munisipalitet saýlawlary şol bir wagtyň özünde Kataryň içerki güýç deňagramlylygyny-da nähili şekillendirýändigini görkezmek babatdan möhümdir.
Agalyk ediji maşgala ýa-da täsirli tüçjar baý maşgalalara degişli biri saýlawlarda kandidaturasyny goýanok. Munuň özi häkimiýet gatnaşyklarynyň nähili ýola goýulandygyny aýdyň görkezýär.
Hökümet işleri belli bir topbagyň elinde saklanýan bolsa, apolitiki hasaplap boljak munisipalitet işleri beýleki taýpalara berilýär.
Ýöne soňky Şura saýlawlarynda bu ýagdaý üýtgäp ugrady.
Saýlawlaryň ýokary gatnaşykda geçirilmegi beýleki taýpalaryň dolandyryş edaralarynda işjeň rol almagyny üpjün etdi.
Munuň ýurduň taryhynda birinji gezek Mejlis arkaly halkyň häkimiýete dahylly edilendigini aýdyp bolar.
Şol sanda Şura Mejlisuniň syýasy güýjüniň çäklidigini-de ýatdan çykarmazlyk gerek.
El-Murra, Beni Hajer, en-Naim, el-Menaır, el-Ažman ýaly taýpalaryň ýurtda täsiri güýçli.
Bu taýpalar döwlet edaralarynyň hantal lığı sebäpli dürli hyzmatlardan peýdalanyp bilmeýän raýatlaryň tire-taýpa ýakynlyklary arkaly şu guramaçylykly gurluşy aşyp bilmegi taýpalara döwlet derejesinde işjeňlik berýär.
Şeýle ýagdaý taýpalaryň güýçlerini we täsirlerini häli-häzirlerem nädip saklap bilýändiklerini aýdyňlaşdyrýar.
Bütin bu üýtgeşmelere ser salanyňda taýpa-saýlaw gatnaşyklary we häkimiýetiň paýlanşygy Kataryň ýakyn geljeginde gozgaljak esasy temalaryň biri boljaga meňzeýär.
Pars aýlagy ýurtlarynyň demokratik proseslerinde tire-taýpa

gatnaşyklarynyň täsiri häzirem saklanýar we ýakyn wagtda ýok bolup gitjege-de meňzänok.

Ömerjan KAÇAR / @beskuvalefendi

06.03.2022 ý. Publisistika